# Ýürege ýüzlenmek

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýürege ýüzlenmek Berdinazar Hudaýnazarow

▶ ÝÜREGE ÝÜZLENMEK

Bu golaýda senden habar alamok,
Hallaryň niçikdir, pitneli Ýürek?
Henizem sag-aman urup durmusyň
Bir mahal sogrulyp gitmeli Ýürek.

Abyrsyz ýükleriň astynda sojap.
Ezet baryn çekdiň agyryp-ynjap.
Ýene ýola düşdüň özüňi tijäp
Birçak baky uka batmaly Ýürek.

Men senden razy, hoşal men juda,
Gürsüldeýäň guwduraman bihuda.
Mydama şa bolduň, bolmadyň geda,
Ýeňdiň. Ýeňiş toýuň tutmaly Ýürek.

Bagyşla men seni bilmedim aýap,
Hawa, kyn ýollarda kän çekdiň azap.
Kastyňa çyksa-da ýaragyn gezäp
Şükür, duşman tygy ötmedi, Ýürek.

Penjesinde ajal atly mähnetiň
Ýan bermediň, meni aman sakladyň,
Arman, başdan inen agyr töhmetiň
Ýarasy henizem bitmedi, Ýürek.

Hiç bela kär edip bilenok, görseň,
Köneje motorym, sen işläp dursuň.
Gyssanma, dem-dynç al, özüňi dürse-
Biz entek kän ýere ýetmeli, Ýürek.

* * *

Türkmenlerde aýalyňy magtamak
Öň zamanda geň bolupdyr, Ogultäç.
Bu döwürde hernä onuň tersine.
Goşgy ýazmak ýoň bolupdyr, Ogultäç.

Bir gezek üstüňden düşensoň ýolum,
Ykbalyma şärik boldy ykbalyň.
Bilýän: gama batsa seniň ahwalyň
Meňkidenem teň bolupdyr, Ogultäç.

Bäş aý başujymy saklap oturdyň,
Derthanadan daşa çykman oturdyň.
Iýdirdiň, geýdirdiň, ekläp oturdyň,
Bu – mertlige deň bolupdyr, Ogultäç.

Eger bardy-geldi äsgermän başda,
Ýeke goýan bolsam garda-ýagyşda…
Haýyş edýän: ýazygymy bagyşla,
Belki, ýürek doň bolupdyr, Ogultäç.

Suwjaramzok, süýkenemzok göz üçin,
Kelle döwýäs her degerli söz üçin.
Öňden myras goýulmandyr biz üçin
Barja baýlyk soň bolupdyr, Ogultäç.

Bu dünýäde ýetsin her kim bagtyna,
Kän gabat gelmedim senden artyga.
Arzuwyňdy: gözüň düşdi agtyga
Işlerimiz oň bolupdyr, Ogultäç! Goşgular